**МЕМОРАНДУМ**
**о взаимном сотрудничестве в строительном секторе между Министерством строительства и жилищно-коммунального хозяйства Российской Федерации и Министерством строительства и архитектуры Туркменистана**

Министерство строительства и жилищно-коммунального хозяйства Российской Федерации и Министерство строительства и архитектуры Туркменистана, далее именуемые «Стороны»,

руководствуясь обоюдным стремлением способствовать укреплению сотрудничества в области строительства и совершенствования жилищно-коммунального хозяйства между Российской Федерацией и Туркменистаном,

учитывая приоритетную роль строительной отрасли в экономическом и социальном развитии Сторон, с целью налаживания сотрудничества между организациями Сторон, задействованными в области сейсмостойкого строительства,

констатируя существенный потенциал для развития и повышения эффективности двустороннего сотрудничества в области строительства и жилищно-коммунального хозяйства,

пришли к взаимопониманию о нижеследующем:

**Пункт 1**

Целью настоящего Меморандума является оказание Сторонами в рамках своей компетенции и в соответствии с законодательством государств Сторон содействия налаживанию и укреплению сотрудничества в области строительства, а также развитию новых форм взаимодействия в сфере строительства, жилищно-коммунального хозяйства, городской среды и умных городов.

**Пункт 2**

К сфере сотрудничества Сторон относятся следующие вопросы:

– содействие двустороннему обмену информацией по внедрению инновационных технологий в строительной отрасли и в области цифровизации;

– сотрудничество в сфере разработки сметно-нормативных документов в строительстве и совершенствования системы ценообразования;

– обмен информацией и опытом работы в части совершенствования строительных нормативных документов в строительстве;

– получение и внедрение актуальной сметно-нормативной базы Российской Федерации в качестве донорской базы;

– обмен информацией и опытом работы со сметно-нормативной базой Российской Федерации;

– взаимодействие по вопросам сейсмостойкого строительства;

– определение новых направлений и сфер взаимовыгодного сотрудничества.

Настоящий перечень вопросов может быть расширен по взаимному согласию Сторон.

## Пункт 3

Стороны планируют проводить регулярные консультации и обмениваться сведениями по вопросам, представляющим взаимный интерес.

Стороны намерены приглашать друг друга на совещания или конференции, созываемые ими или проходящие под их эгидой, в которых, по мнению одной из Сторон, может представлять интерес для другой Стороны, обеспечивать участие специалистов Сторон в международных выставках, круглых столах и прочих мероприятиях, а также проводить курсы, семинары и конференции по подготовке кадров и повышению квалификации специалистов. На приглашения будут распространяться процедуры, применимые к таким собраниям или конференциям.

## Пункт 4

Настоящий Меморандум не является международным договором, не создает прав и обязательств, регулируемых международным правом.

Любые разногласия, которые могут возникнуть между Сторонами относительно реализации или интерпретации настоящего Меморандума, будут урегулированы с помощью консультаций и переговоров между ними.

## Пункт 5

Настоящий Меморандум применяется с даты его подписания в течение 2 (двух) лет.

Применение настоящего Меморандума автоматически продлевается на последующий двухгодичный период и прекращается после получения письменного уведомления одной из Сторон о намерении прекратить его действие за 3 (три) месяца до истечения соответствующего периода.

В настоящий Меморандум могут вноситься изменения и дополнения по письменному согласию Сторон.

Подписано в городе Москва 9 июня 2022 года в двух подлинных экземплярах, каждый на русском и туркменском языках.

**За Министерство строительства и жилищно-коммунального хозяйств Российской Федерации**

**За Министерство строительства и архитектуры Туркменистана**

**Russiýa Federasiýasynyň Gurluşyk
we ýaşaýyş jaý-jemagat hojalygy ministrligi bilen
Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministrliginiň arasynda
gurluşyk pudagynda özara hyzmatdaşlyk etmek hakynda
ÄHTNAMA**

Mundan beýläk «Taraplar» diýlip atlandyrylýan Russiýa Federasiýasynyň Gurluşyk we ýaşaýyş jaý-jemagat hojalygy ministrligi we Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministrligi,

Russiýa Federasiýasynyň we Türkmenistanyň arasynda gurluşyk hem-de ýaşaýyş jaý-jemagat hojalygyny kämilleşdirmek babatdaky hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga ikitaraplaýyn çalşylýandygyndan ugur alyp,

Taraplaryň ykdysady we durmuş taýdan ösüşinde gurluşyk pudagynyň ileri tutulýan ugurdygyny göz öňünde tutup, seýsmik taýdan durnukly gurluşyk işlerinde Taraplaryň hereket edýän guramalarynyň arasynda hyzmatdaşlygy ýola goýmak maksady bilen,

gurluşyk we ýaşaýyş jaý-jemagat hojalygy babatda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň netijeliligini ýokarlandyrmak we ösdürmek üçin düýpli mümkinçiliklerini belläp geçmek bilen,

aşakdakylar barada özara düşünişmegi gazandylar:

## 1-nji bölüm

Şu Ähtnamanyň maksady öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde we Taraplaryň döwletleriniň kanunçylygyna laýyklykda, Taraplar gurluşyk pudagynda hyzmatdaşlygy ýola goýmakda we berkitmekde, şeýle hem gurluşyk, ýaşaýyş jaý-jemagat hojalygy, şäher gurşawy we akylly şäherler pudagynda özara hyzmatdaşlygyň täze görnüşlerini ösdürmäge ýardam bermek bolup durýar.

## 2-nji bölüm

Taraplaryň hyzmatdaşlyk etmegine aşakdaky meseleler degişlidir:

- gurluşyk pudagynda hem-de sanly ulgamda innowasiýa

tehnologiýalaryny ornaşdyrmak boýunça ikitaraplaýyn maglumat alyşmaga ýardam bermek;

- gurluşykda çykdajy-ölçeg resminamalaryny işläp taýýarlamakda we nyrh emele getiriş ulgamyny kämilleşdirmekde hyzmatdaşlyk etmek;
- gurluşykda gurluşyk kadalarynyň resminamalaryny kämilleşdirmekde maglumatlary we iş tejribesini alyşmak;
- Russiýa Federasiýasynyň möhüm bolup durýan çykdajy-ölçeg binýadyny binýatlyk hökmünde almak we ornaşdyrmak;
- Russiýa Federasiýasynyň çykdajy-ölçeg binýadynda maglumatlary we iş tejribesini alyşmak;
- seýsmik taýdan durnukly gurluşyk meseleleri boýunça özara hyzmatdaşlyk etmek;
- özara bähbitli hyzmatdaşlygyň täze ugurlaryny we ulgamlaryny kesgitlemek.

Taraplaryň özara ylalaşmaklary boýunça bu meseleleriň sanawy giňeldilip bilner.

## 3-nji bölüm

Taraplar özara gyzyklanma bildirilýän meseleler boýunça yzygiderli geňeşmeleri geçirmegi we maglumatlary alyşmagy meýilleşdirýärler.

Taraplar, bir Tarapyň pikiri boýunça beýleki Tarapy gyzyklyndyryp biljek ýagdaýynda Taraplar bir-birini özleriniň taraplaryndan guralýan ýa-da howandarlygynda geçirilýän maslahatlara ýa-da konferensiýalara çagyrmagy, Taraplaryň hünärmenleriniň halkara sergilerine, tegelek stollara we başga çärelere gatnaşmagyny üpjün etmegi, şeýle hem hünärmenleri taýýarlamak we hünär derejesini ýokarlandyrmak boýunça okuwlary, seminarlary hem-de konferensiýalary geçirmegi maksat edinýärler. Çakylyklar şeýle ýygnaklar ýa-da konferensiýalar bilen bagly hereket edýän amallar ulanylýar.

## 4-nji bölüm

Şu Ähtnama halkara şertnamasy bolup durmaýar, halkara hukugy bilen düzgünleşdirýän hukuklary we borçlary döretmeýär.

Şu Ähtnamanyň amala aşyrylmagyna ýa-da düşündirilmegine degişli Taraplaryň arasynda ýüze çykyp biljek islendik çaprazlyklar olaryň arasynda geňeşmeleriň we gepleşikleriň kömegi bilen düzgünleşdiriler.

**5-nji bölüm**

Şu Ähtnama gol çekilen senesinden 2 (iki) ýylyň dowamynda ulanylýar.

Şu Ähtnamanyň ulanylmagy soňraky ikiýyllyk döwre öz-özünden uzalýar we onuň hereketini bes etmek meýli barada degişli döwrüň tamamlanmagyndan 3 (üç) aý öň Taraplaryň biriniň ýazmaça habarnamasy alnandan soň ýatyrylýar.

Taraplaryň ýazmaça ylalaşygy boýunça şu Ähtnama üýtgetmeler we goşmaçalar girizilip bilner.

Moskwa şäherinde 2022-nji ýylyň 9-njy iýunynda her biri rus we türkmen dillerinde iki asyl nusgada gol çekildi.

**Russiýa Federasiýasynyň Gurluşyk we ýaşaýyş jaý-jemagat hojalygy ministrliginiň adyndan**

**Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministrliginiň adyndan**